# Göwnüm meni ýazgarma

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Göwnüm meni ýazgarma GÖWNÜM MENI ÝAZGARMA

Göwnüm käte ýaşlygyna ýol ýasap,
Bakman günbe-günden gartaşýan göwrä.
Menden ygtyýarsyz syýahat edýär,
Şol gyzlyk döwrüne, arzuwly döwre.

Hyýalynda aýna bakyp öňki deý,
Gara saçyn, syýa zülpün daraýar.
Ejap edip aşyk bolan ýigide,
Ýeň astyndan ogryn-ogryn garaýar.

Ýumak ýaly barha-barha çözlenip,
Göwün gidýär jümmüşine geçmişiň.
Hakydaňda hatar-hatar düzülýär,
Arzuwlaryň, hatalaryň, etmişiň.

Bir süýji saz, mukam dolýar gursaga,
Dünýäň ähli sazy diňäýen ýaly.
Şol gidip otyrsyň, gidip otyrsyň,
Bir düýpsüz ummana çümäýen ýaly.

Emma,ýuwaşjadan açylan gapy,
Şol ummandan çekip alýar dessine.
«Eje,geldim»- diýip, ýylgyryp gyzlaň,
Mähir bilen güller seçýär üstüňe.

Dolanasyň gelse ýaşlyga sary,
Aýak çeksem, göwnüm meni ýazgarma.
Seret, sen-ä ogryn bakan ýigdiňe,
Ýaşlygymam peşgeş berdim gyzlarma.

Gyzylgül ANNAGYLYJOWA. Goşgular